# Çagalykdan bir parça

Category: Kitapcy,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Çagalykdan bir parça ÇAGALYKDAN BIR PARÇA

Käte, durmuşyňda geçen wakalary ýatlap otursaň, aňyňda birgiden wakalar kinolentasy ýaly bolup geçip durandyr, geçip durandyr… Häli, ýanymdakylaň biri ýatladypdy: «ertirem noýabr aýy başlanýar, gyşyň sepgidine çala aýak basýas, akrap gelýär» diýeni. Akrap dogsa, ähli ösümlere sowuk degýär, gurudýar. Ýöne, bu gezek 10 günlük internet howa maglumtlaryna seredýän welin, enteg-ä oňatçylyk. Sowuk görkezenok. Käte, golaýlaşdygyça üýtgäbem duraýýar. Şol zatlary oýlap oturyşyma, çagalykda geçen bir wakam göz öňüme geldi. Gyş gelse, esasanam, gar ýada doňaklyk bolsa göz öňümde şol sowuk ýatlama iýnimi jümşüldeden ýaly bolup gidýär. Gözümde galan gorky hem bir tarapdan. Nädip gorkmajak diýsene, uly adamy şeýtselerde gorkardy olam. Gowusy, «mus-mus» edip durman, Mustapasyny gürrüň bereýin.

Ol wagtlar bolaýsam 5-nji klasdym, doganoglan agam Aman 7-nji klasdy. Noýabr aýlarynyň bir güni, öňkülerimiz ýaly pagta eňňerede sygyrlarymyzy bakyp ýördük. Şol bakýan ýerimizde bir däli adam ýaşaýardy. Ýaşaýardy diýmegim, onuň ne aýaly, ne çagalary, ne öýi bardy. Oňa aýalam çydaman aýyrlyşyp gitdi, çagada galmady. Özem oba sygman potradynyň deňinde kepbe saldyryp, şol ýerde mal-garasy bilen ýeke özi bolýardy. Özbaşyna bir düňle adamdy. Ýöne, birzada gaharlanyp gohlap başlaýsa, ýanyndaky adamlar ondan näçe arany açsalar kem görenokdylar. Şeýlebir şerraýdy welin, köpçülikde iki heleý sögüşse bir-birinden beter bolup, gohlaryny hemme kişä eşitdirip, garşydalynyň howuny basjak bolşy ýalydy. Onuň bu häsiýetine belet adamlar özi bilen deň boljagam bolmazdylar. Eňňerede sygyrlara seredip otyrkak ol adam ýabyň aňry ýüzünden bize tarap gygyrdy:
– Eeýýý, iki sany sümükli, eşidýäňizmi?

Ikimizem ýerimizden galdyk. Berilen morta sowala ilki özümize aýdylanyna oňlam düşünmän töwerege garasak:
– Size diýän haýwanlar! Töweregiňize garanjaklan bolýaňyzmy? Özüňizem sygyrdan üýtgeşik zadyňyz ýok. Diňläň, meň potradyma mallaňňyzdan ýekejesi geçäýse damagy tersine çalaryn. Mallaňkyny däl, siziňkini, düşündiňizmi!
Biz bir-birimize seredip, muň morta sözlerine ilk-ä aňk-taňk bolduk, soňam beýle zatlary edenimiz ýadymyza düşmedi. Agam menden ekabyrrak bolansoň gaýtargynam şol berdi.
– Biz haçan seň potradyňa saldyk? Onsoňam, kimiň potradyna mal salsagam ilki eýesinden rugsat alyp soň gelýäs. Özüňki ýaly, gije malymyzy äkidip iliň podradyndan iýdiremzok…
Bu jogaba ol garaşmadyk bolara çemeli. Ýap gyrada ekskwatoryň çykaran keseklerinden kelle ýalysyny çykaryp bize aýlap saldy. 15 metr aňyrsynda durandygymyz sebäpli, bize zyňylan kesegi öz çakymyz boýunça nireden geçip gitjegi bize bellidi. Ol ikinji gezegem zyňdy. Zyňylan kesegiň öňünde agam bilgeşlin döşüni gaýşardyp durdy-da, ýetip barýarka aňsatlyk bilen öňünden sowuldy. Kesegiň täsiri bize ýetmejegini aňan däli, indi ýene dili bilen «kesekläp» ugrady. Agam bolsa, özündenem beter jogap gaýtardy. Suwdan geçip bilmänsoň, bolmajagyny bildimi, nämemi, «entek elime düşseňiz bolýar» diýip, sögünjiräp gitdi.
Şondan soň birki aý geçendird-ä, ýanwar aýynyň bir güni ýere güpüläp agyr gar düşdi. Ol gün mallarymyzy sürä äkitmesekde, ondan öňki gün, meň täze goşan göläm sürüden ýitipdi. Ol gün tapylmansoň, ertesi ýene gözlegine çykdyk. Howpurganýaram, galyň garyň aşagynda doňup galandyr öýdüp. Soňa tapyldam, oba gaýdypdyrda, biriniň ýatagyna sümülipdir. Eýesem muň täze goşulanyny bilip ýatakda daňyp goýupdyr. Soňra biz gözlege gaýdan badymyza öýe getiribem gidipdir. Biz bolsak zatdan habarsyz, meýdany torç edip gözläp ýörüs. Agam bilen şeýdip ýörşümize mazalyja üşäp başlanymyzy duýup ugradyk. Seretsek, şol däliň kepbesi dur. Ýokarky tüsseçykardanam burum-burum tüsse çykýar. Aman onuň kepbesine barmagy teklip etdi. «Ýok» diýdim. «Öňki gezek näme diýenini bileňokmy sen, ola barmak eken, garaňy gördügi kowalar». Aman şonda-da etmedi, «birwagt ýadyndan çykarandyr, onsoňam bi günde on adam bilen sanaşýar,

haýsy biri ýadynda galsyn, soňy ýokhow bulaň, diýer-goýarda». Aman menem yrdy ahyry. Ýöne, ilki ýuwaşlyk bilen äpişgäň agzyna bardyk. Jyklasak, özümiz ýaly bäş-alty sany oglanjyk ol adamyň agzyna aňkarylyşyp otyrlar. Olam bir başyndan geçiren gyzykly zadyny çagalara gürrüň berýän bolmaly. Arasynda çagalaryň gülküsem ýer ýarýar. Agam ikimiz indi arkaýyn bolduk. Özümiz ýaly çagalar barka, bizem hormatlap ýyljak jaýa salar öýdüp, salam berip giräýmerismi. Ýaňky gülüp oturan adamyň bize gözi düşüp, sekundam däl, ýüzüni daşarydanam beter gara duman gaplap aldy.
— Näme gerek size?
— Ýylanaýjakdyk.
— Işigi daşyndan ýapyň, garaňyzy saýlaň şu taýdan, çalt!
Rejäň geň däldigini bilip ikimizem çykmak bilen bolduk. Işigi ýapyp ýöräp ugranymyzam şoldy welin, Amana bu kemsitmeler hasam janyna ýaramady. Onuň käte geň häsiýetleri bardy. Özüniňki dogrudygyny bilse, uly adam bolsada sylap durmazdy. Harçaňlaşardy. Birdenem, hyrra yzyna öwrüldi-de ýaňky gapa tarap eňdi. «Aman dur, ol däli, gaýt» diýsemde diňlemedi. Barybam, işikdäki gulp sokulýan iki sany halkaň arasyna gapdalda ýatan demiri alyp sokdy. «Edýäniň şu bolsa, meňkem şu» diýleni boldy. Işigiň daşyndan edilen hereketlere içindäki düşünen bolara çemeli, sögünjiräp gapyny açjak bolýardy. Biz bolsak onuň aňsatlyk bilen açylmajagyny bilip mytdyldap, öz maýdalymyza ýöräp gelýärdik. Birdenem, şakyrdyň sesine derek, birzadyň çapylýan sesi gelip ugrady. Yzymyza seretsek, nämäni görendir öýdýäňiz? Her gezek gürpüldi çykanda, paltanyň ýiti ýüzi işikden çykýarda, ýene tizlik bilen yzyna girip gidýärdi, düşnüksiz samyrdylar bilen. Şondada arkaýyn ýöräp gelýäs. Ýöne, ýalňyşan ekenok, çaklaýyşymyzdanam beter çalt açypdyr gapyny. O barmanada erbet şakyrdy boldy, ýene seretsek, gapyny gowşadyp, depende açypdyr. Işik bir petlede sallanyp ýatyr. Özem çykdy arlap, elinde hem ýalaw ýaly palta. Bir-birimiziň ýüzümize seretdik, sekundam däl düşünişenimiz, ýazzyny berdik. Ol däli adam bolsa walalaýlap yzymyzdan ýetip gelýärdi. Men hemä aglaýardym, hem aldygyna gaçýardym. Agam ekabyr bolansoň menden öňdedi. Ýöne, menem unudanok, janhowluma büdresem yzyna

gelip turuzýarda, elimden tutup ylgadyp ugraýar. Şol barşymyza, hol günki kesekleşen ýabymyz öňümizden çykdy. Sessiz-üýnsüz şol sowuk ýaba özümizi urduryp, nähili geçenimizi bilemzok. Janam süýji zat. Biz geçip gitdik, emma ol yzymyzda sögünip galdy. Sowuk suwa girmäge ýüregi dözen däldirda. Ýene şu ýap bize kömek etdi. Ikimizem öýe özümizi zordan atdyk. Aman maňa sargap-sargap galdy, «bolan işleri ejeme-kakama aýtmazlygy». Ola şeýdip öz öýüne sowuldy, menem öz öýüme. Ýöne, nädip bildirmejek, barsam, gölämiz tapylypdyrda, kakamam işden gelip, indem biziň yzymyzdan gitjek bolup duran ekeni. Bolup gelşimi gören kakam, derrew öýe salyp eşigimi çalyşdy. Ejem ondan beter. Düşege geçirdiler, derman berdiler. Hem üşüdýän, hem ýaňky gorkunç waka ýadyma düşüp, gözýaşymy saklap bilemok. Amanyň «aýdaýma» diýeni birwagt ýatdan çykdy. Ýöne, aýdanymam gowy bolupdyr. Kakama hemmesini gürrüň berdim, sojap-sojap. Pahyr, aňsat-aňsat gaharlanmasy bolmazdy, şo gezekki gahary welin şol däli adamyňkydanam pes bolmady. «Häzir men onuň gözüne görkezerin, kimiň däli, kimiň sagdygyny! Ol özi üçin dälidir». Şeý diýdi-de maşyny otlap dazyrdadyp gitdi. Bir sagatdanam geldi. Aňyrda ol däli bilen arasynda näme waka bolanyny bilemok, ýöne, indi gahary gaýdyşypdyr. Meň bilenem parahat gürleşýär. «Arkaýyn bolgun oglum, indi şo däli size degmegä beýlede dursun, gözüniň gyýtagyny aýlap seretsede men seň kakaň bolmadygym!». Hakykatdanam aýdyşy ýaly boldy, soň-soňlaram ol däli adama kän gabat geldik. Pete-pet gelsegem bizi görmedik bolup geçýärdi. Bizem ondan daşrakda bolanymyzy kem görmedik, birden aryny alaýjak ýaly. Uçugymyzy galdyrypdy. Soň, şol kepbedäki çagalaň aýdyşlaryna görä, kakam dazlap barypdyr bärden. Çagalarada «bar, siz gidiň indi öýüňize» diýipdir. Olaram giden ýaly edipdirlerde, gizlenip, wakaň yzyna tomaşa etmäge oturypdyrlar. «Heýde, çagalary şeýdip gorkuzmak bolarmy? Entek ösüp barýan nesil ahyry olar? Nädip şu derejede şolar bilen deň bolýaň?» diýip, düşündirmek isläpdir. Ol dälem, «seňki nämaý?» diýip ýene öňküje häsiýeti bilen, eline palta alyp kakamam gorkuzjak bolupdyr. Gulagynyň düýbüne bir şarpyk degeninden, ýaňky däli entirekläp, ýüzi ýer garbapdyr. Paltany

beýläk aýyryp zyňan kakam, ýaňkyň ýakasyndan ebşitläp tutagada, ýaba tarap süýräp ugrapdyr. Ertibem, rass syrtyndan göterägede, ýaňky ýaba özünem zyňyp goýberipdir. «Hany, özüňem gör şu edişiň ýakýamy saňada?» diýip. Soňam maşyny otlap gaýdypdyr. Ol dälem ezilen towuk ýaly, kepbesine zordan özüni atypdyr. Umuman, her gezek sowuk düşende, şol ýatlama ajymtyk aňymda peýda bolup, ýene ýitip gidýär. Çagalygymyň gorkunç bir sedasy bolup. Sizem, gadyrly okyjylar, çagalyk ýatlamalaryňyzy käte paýlaşyp duruň. Herkimde gyzykly wakalar kän bolup geçendir. Ýatlamalar